O. Hasanboýewa, M. Inoýatowa

# EDEPNAMA

Umumy orta bilim berýän mekdepleriň
1-nji synpy üçin derslik

Özbegistan Respublikasynyň
Halk bilimi ministrligi tarapyndan
neşire hödürlenen

«O'ZBEKISTON MILLIY ENSIKLOPEDIYASI»
DÖWLET YLMY NEŞIRÝATY

DAŞKENT – 2011

Syn ýazanlar: **N. Komilow** — filologik ylymlaryň doktory, professor,
**Ş. Rizaýew** — filologik ylymlaryň kandidaty,
**I. Mirzahalilowa** — RTM baş metodisti,
**N. Mirrahimowa** — başlangyç synp musallymy.

## ŞERTLI BELGILER:

 — bilelikde okaýarys;

 — şuny bilip goý;

 — tapmaçany tapyň;

?! — sorag we ýumuşlar;

? — soraglar;

! — ýumuş;

 — dersiň soňy.

**Döwlet býujeti serişdeleriniň hasabyndan çap edildi. Mugt.**

H $\frac{4303000000}{358-2011}$

ISBN 978-9943-07-150-6

© «O'zbekiston milliy ensiklopediyasi»
Döwlet ylmy neşirýaty, 2011.

# ÖZBEGISTAN — AZAT, ABAT DIÝAR.
## 1-nji SENTÝABR — GARAŞSYZLYK GÜNI



# WATAN MÄHRI





Surat esasynda Watanymyz hakynda gürrüň edip beriň.



Watana bolan mähir hemmeleri ýurt parahatçylygy, azatlygy we abatlygy üçin hereket etmäge ündeýär.

Watan — bizi gurşaýan älemdir.

Watan — göbek ganyň daman ýer, eždatlarymyz ýaşan diýar.

Biziň Watanymyz — Özbegistan.

> Watana bolan mähir ene hüwdüsinden başlanýar.



?

1. Watana bolan mähir näme?
2. Biz ýaşaýan ýurt nähili atlandyrylýar?
3. Biz näme üçin Watanymyzy söýýäris?

# ÖZBEGISTAN — JENNET MEKAN



Özbegistan 1991-nji ýylyň 31-nji awgust güni Garaşsyz azat ülkä öwrüldi we Öz-bekiston Respublikasy diýlip yglan edildi. 1991-nji ýyl 1-nji sentýabr Garaşsyzlyk güni diýlip bellendi.



## Azat ülkäm

Özbegistan — azat ülkäm,
Bagry doly nur ülkäm.
Humaý guşy başyňda,
Bagt parlar kuýaşyňda.

Sen mähirden dolusyň,
Atamyzdeý beýiksiň.
Guwanç hem buýsançjymyz,
Gujagyňda bagtly biz!

*Dilşat Rajab*

?

1. Özbegistan haçan garaşsyz boldy?
2. Azat ülkämiz näçe ýaşynda?

# WATAN BOÝUNÇA SYÝAHAT






Watanymyz örän giň. Ata-Watanymyzyň her bir şäheri we obasy biziň üçin eziz.



Watanymyzyň nirelerine syýahat etmek isleýärsiňiz? Jogabyňyzy (gözenege "+" belgisini goýup) bellik ediň:

Garaşsyzlyk meýdanyna — ☐ .

Samarkant şäherine — ☐ .

! "Edepnama" depderiňize syýahat etmek islän ýeriňizi gözenekleriň kömeginde ýazyň, meselem: ☐☐☐☐ .



Daşkent —
Watanymyzyň paýtagty



Samarkant —
Gündogar dürdänesi



Buhara — taryhy
ýadygärlikler ýurdy



Hywa — gadymy
şäher

? Daşkent, Samarkant, Buhara we Hywa şäherleri hakynda nämeleri bilýärsiňiz?



Bilbil çemeni söýer, adam ☐☐☐☐☐☐☐.
Watan — ene, bosagasy ☐☐☐☐☐.

# MAŞGALA — BAGT GALASYDYR



Her bir adamyň öz maşgalasy bar. Maşgalada ata-ene, baba-mama, aga-ini, dogan-jigiler agzybir ýaşaýarlar. Maşgala agzalary birek-birege kömek etmeli. Maşgala hem kiçi bir Watandyr.



?!

1. Suratda kimler görkezilipdir?
2. Maşgala agzalaryňyz hakynda aýdyp beriň.



Ulyny uly bil, kiçini □□□□ .

Oýlap tapan sözüňizi gözenekleriň kömeginde “Edepnama” depderiňize ýazyň.

# MAŞGALA — MÄHIR BULAGY





?!

1. Siz baba we mamaňyza ýumuşlary ýerine ýetirmäge kömek edýärsiňizmi?
2. Ýurdumyzda çagalara nähili üns berilýändigi hakynda aýdyp beriň.



Halkymyzda gadymdan garrylara uly hormat we yzzat edilýändigini unutmaň!



Ula hormatda bol,
kiçä ☐☐☐☐☐☐☐ .

# MAŞGALA DÄPLERI





?

1. Suratda kimleri görýärsiňiz? Olar näme iş bilen meşgullanýarlar?
2. Suratlarda ata-ene, aga-ini, dogan-jigi-niň agzybirligi nähili suratlandyrylypdyr?



### Meniň maşgalam

Öýümizde dördümiz,
Iň kiçisi birimiz.
Bu men — şadyýan Taşhan,
Alty ýaşymdan aşan.
Ösýär boýum käkilim,
Şirindir aýdyň dilim.

*Dostjan Mätçan*







?

1. Suratlarda nähili maşgala däpleri suratlandyrylypdyr?
2. Çagalaryň ululara hormaty nämelerde görünýär?
3. Maşgalaňyzyň däpleri hakynda aýdyp beriň.

# EDEP — YNSANYŇ GÜNEŞIDIR

## SALAMLAŞMAK EDEBI

### Edebiň başy — salam



Ýol barýarkaň duşan
Adama berseň salam.
Älik alyp öňürti, soňra
Diýr: “Sag bol, balam”.

Salamsyz geçseň eger,
Her kimem sakow öýder.
Diliň bar-a, sen hökman,
Ululara salam ber.

*Talyp Ýoldaş*

?!

1. Näme üçin “Edebiň başy — salam” diýýärler?
2. Nähili çagalar salamlaşmagy ýatdan çykarýarlar?
3. “Essawmaleýkim”, “Waleýkim essalam” sözleriniň manysyny düşündiriň.

Gözeneklere gizlenen sözi tapyň!

1. Edebiň başy — s _ _ _ m .
2. Salam bilen başlanar — e _ _ p .

> Edepli adamlar biri-birlerini görenlerinde mähir bilen salamlaşýarlar. Salamlaşmak birek-birege saglyk-amanlyk, parahatçylyk dilemekdir.

## KIM BIRINJI SALAM BERÝÄR?

Salam bermek adamyň iň gözel sypatydyr. Adatda kiçiler ululara salam berýärler. Şunuň bilen olar ululara öz hormatyny bildirýärler.



# SALAMLAŞMAGYŇ KADALARY









?!

1. Nähili ýagdaýlarda salam berilmeýär?
2. Her bir suratdaky ýagdaýy düşündirip beriň.

# ARASSAÇYLYK – GÖZELLIGIŇ NYŞANY

 

 

?!

1. Suratlarda nähili çagalary görýärsiňiz?
2. Arassa we tertipli hasaplaýan dostuňyz hakynda aýdyp beriň.

# OKUWÇYNYŇ EDEBI



?!

1. Suratda kimler görkezilipdir?
2. Edepli okuwçy mekdepde özüni nähili alyp barýar?
3. Ders we arakesme wagtynda berjaý edilýän edep kadalaryny aýdyp beriň.



Mugallym – ataň ýaly b _ _ _ k .

# MEKDEP DÜZGÜNLERI



Okuwçy mekdepde mugallymlaryna we dostlaryna hormat bilen gatnaşyk etmeli. Bilimli okuwçynyň esasy sypaty onuň edebidir.









Mekdep edebi



s _ _ _ m    t _ _ _ _ p

Edepli okuwçy



# GEÝINMEK EDEBI









?

1. Siz mekdebe nähili taýýarlanýarsyňyz?
2. Arassa geýinmek diýende nämäni düşünýärsiňiz?



Geýmiňiz arassa we tämiz bolsun. Geýmiňizi geýim ilgençeginde saklaň. Aýakgabyňyzy jübüt edip, öz ýerine goýmagy unutmaň.





1. Haçan nähili geýinmegi bilýäňizmi?
2. Eneňize kömek bereniňizde nähili g eýinýärsiňiz?
3. Mekdep we öý geýminiň tapawudyny aýdyp beriň.

Nirede nähili geýinmelidigini öwreniň we oňa amal ediň. Mekdepden gelensoň, mekdep geýimleriňizi derrew çykaryp, öý geýmiňizi geýiň.

Men göreş bilen meşgullanýaryn. Göreş bilen meşgullananda ak k____k geýmeli, biliňe k___r daňmaly.



# ULYNY HORMAT ET, KIÇINI SYLA

## Edep näme?



Edep sözi bir söz, ýöne
Aýdyberseň täri köp.
Uly bir söz diýende
Derrew diýsek — lepbeý, hop.
Biz olaryň aýdanlaryn,
Ýerine ýetirsek hökman,
Şonuň özi bir edepdir,
Edepsizlik köp ýaman.

*Talyp Ýoldaş*



?!

1. Kimi edepli hasaplaýarsyňyz?
2. Suratlarda gyzlar enelerine nähili kömek berýärler?
3. Goşgyny ýat tutuň.

## Agzybirlige näme ýetsin!

Diýara 1-nji synpda okaýar. Okamagy, ýazmagy, mysal we mesele çözmegi gaty gowy görýär. Derslerden kynçylyk çekse, agasy Döwrandan kömek soraýar. Döwran 4-nji synp okuwçysy. Ol mekdepde gowy bahalara okaýar. Şonuň üçin jigisiniň derse taýýarlanmagyna kömekleşip bilýär.



?!

1. Diýara öý işini ýerine ýetirmäge kim kömek berýän eken?
2. “Men öýe berlen işi nähili ýerine ýetirýärin” temasynda kiçi hekaýa düzüň.

# SAÇAGYŇ DAŞYNDA OTURMAGYŇ WE NAHARLANMAGYŇ EDEBI






?!

1. Saçagyň daşynda oturmagyň we naharlanmagyň edebi hakynda haýsy kadalary bilýärsiňiz?
2. Suratlardan saçagyň daşynda oturmagyň edebiniň berjaý edilmedik ýagdaýlaryny tapyň.

**Hekaýa**



Fatyma-Hüsen we Leýla mamasy bilen eýwanda naharlanýardylar. Hüsen howlugyp, çala-çula naharlandy. Mamasy agtygyna şeýle duýduryş berdi:

— Naharlanmak edebiniň öz kadalary bar. Men olaryň size üçüsini aýdyp bereýin. Edepli çaga ilki ellerini ýuwýar — bu birinjisi. Ikinjisi — özünden ululardan öň tagama elini uzatmaýar. Üçünjisi,nahar iýende, eli bilen ýere daýanmaýar. Galanlaryny siz özüňiz tapyň, bolýamy?!



?

1. Mama naharlanmagyň haýsy kadalaryny aýtdy?
2. Naharlanmak hakynda ýene nähili kadalary bilýärsiňiz?

## ADAMY BEÝGELDÝÄN SYPATLAR

### Edermen ýigit



Babam aşakdaky wakany gürrüň berdi. Garyp adam dagyň etegindäki derýanyň köprüsine garawullyk edýän eken. Bir güni dag-dan sil gelip, garawulyň çatmasy siliň aşagynda galypdyr. Şonda bir ýigit güýçli sel bilen göreşip, garawuly we onuň maşgalasyny halas edipdir.

Babam ýigidiň ýagşylygyny sylaglamak üçin oňa bir desse pul bermekçi bolupdyr. Şonda ýigit:



— Atajan, pullary garawul aga beriň. Ol işsiz galdy, maşgalasy kömege mätäç, — diýipdir.

Edermen ýigide hemme haýran galypdyr.

? Näme üçin adamlar ýigide haýran galypdyrlar?



Watan goragyna taýýar durmak, ejizlere rehimli bolmak we geçirimlilik mertlik we edermenlikdir. Akýüreklik we dogruçyllyk hem mertlik we edermenlik alamatydyr.



Mertlik

| a | | | | | | | | | k |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|

| e | | | | | | | | | k |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|

Mert adam

Gözeneklere gerekli sözi goýuň:

| M | | | |
|---|---|---|---|

meýdanda synalar.

| M | | | | | | k |
|---|---|---|---|---|---|---|

— bakylyk.

Ýurt gorasaň, ozarsyň,

Goramasaň

| t | | | | | | | ň |
|---|---|---|---|---|---|---|---|

.

! Tapan sözleriňizi “Edepnama” depderiňize gözenekleriň kömeginde ýazyň.



## HAÝA WE UTANÇ – GYZ SYPATYDYR



Haýa — gelşiksiz işden saklanmakdyr. Haýa — köpräk gyzlara mahsus sypat. Gyzlaryň haýalylygy olaryň mylaýym gepleýşnde, geýnişinde, başgalary hormat etmeginde görünýär.

### Utanç



Nilufar we Aziza mekdepden bile gaýdýardy. Olardan öňde iki garry gürüňleşip barýardy. Aziza garrylardan geçip gitmekçi boldy. Nilufar jorasyny saklap şeýle diýdi:

— Howlukma, Aziza. Garrylardan öň ýöremek utançdyr.



?

1. Nilufar näme üçin jorasyny saklady?
2. Nilufar Aziza näme diýdi?

## Arassa



Arassanyň ady
Ýaly eden işi.
Arassaja, haýran
Galar gören kişi.

Nur saçandeý arassa
Elmydama geýim-başy,
Edeplilik hem haýa
Onuň hakyky ýoldaşy.

*Talyp Ýoldaş*

?!

1. Arassa nähili gyz eken?
2. Edep we haýa hakynda nakyllar tapyň.



Utanmaga sebäp bolýan hereketlerden saklanmak haýalylyk we ýygralyk hasaplanýar. Utançsyz adamda haýa bolmaýar.



Haýalylyk

e _ _ p   u _ _ _ ç

# OKUWDA WE ZÄHMETDE GAÝRATLY, GUJURLY BOL



## Ýüpek gurçugy

(basnýa)

Ýüpek gurçugy gülden güle gonup, uçup ýören gözel kebeleklere höwes bilen seredýärdi. Çünki özi olar ýaly uçup bilmeýärdi. Ýöne pile saramaga ökdedi. Şonuň üçin ol gaýrat bilen pile saramagyny dowam etdirýärdi. Ahyrynda, ol piläni sarap bolansoň, gaty uka gidýär. Oýanandan soň piläni deşip, daşary çykdy. Gün şöhlesinde öwşün atyp duran gözel ganatlaryny görüp haýran galýar. Kebelege öwrülen gurçuk gülzara uçup gidýär.



Netije: Yhlas bilen okap, ylymdyr hünär eýeleseňiz, bir güni gelip onuň rahatyny görersiňiz.

?!

1. Gurçuk näme üçin kebelege guwanýar?
2. Gurçugyň kebelege öwrülmeginiň sebäbini aýdyp beriň.

Gujur-gaýrat — tüýs ýürekden zähmet çekmek, okamak, ýaltalykdan gaça durmakdyr. Çagalar, hökman, gaýratly boluň!

! Nakyllary ýat tutuň.



Adamyň sözüne däl, işine bak.
Aş diýse çapar, iş diýse gaçar.
Ýaltadan hemme bizar.
Göz — gorkak, el — batyr.
Bu günki işi ertä goýma.
Ýaltalyk başa bela getirer.

Gözeneklere gizlenen sözleri tapyň.
Gep bilen howlukma,
i□ bilen howluk!
Iş seni ýeňmesin, sen
□□

## DOGRUÇYLLYK WE ÝALANÇYLYK



Batyr — dogruçyl oglan. Ol hemişe çyn gepleýär. Ýalandan gaça durýar.

Şonuň üçin ýoldaşlary ony gowy görýärler.



1. Batyr nähili oglan?
2. Näme üçin ony dostlary gowy görýär?



Dogruçyllyk hemişe çyn geplemekdir. Dogry sözlülik daşy ajy bolsa-da, içi şirin miwä meňzeýär. Ol adamy bagta tarap eltýär.



Gözeneklere gizlenen sözi tapyň.

Başyňa gylyç gelse-de

d _ _ _ y geple.

## Ýolbars bilen sülgün





Tokaýda äpet Ýolbars bilen Sülgün bile agzybir ýaşaýardylar. Ýolbars şadyýan, akylly we dogruçyl, Sülgün hem şadyýan, mähriban, emma ýalançydy. Ol dosty Ýolbarsy-da telim gezek aldapdy. Ýolbars Sülgüne ýalançylygy taşlamagy maslahat berýär. Ýöne Sülgün ýaman endigini taşlamaýar.



Bir güni sülgün tora düşüp, dostuny kömege çagyrýar. Ýolbars Sülgüniň sesini eşitse-de “Sülgün hemişekisi ýaly degşip ýalandan gygyrýandyr” öýdüp kömege gelmeýär.

Sülgün öz ýalanynyň gurbany bolýar.

*Alyşir Nowaýy*



Gözeneklerde gizlenen sözleri tapyň.

Adamyň ýüzüne bakma, s _ _ _ _ e bak.

Ilki oýla, soňra s _ _ _ e.

# SADALYK WE MEN-MENLIK



Sadalyk — süýjisözlülik we adamlaryň hyzmatyna taýýar durmakdyr. Işi we sözi bilen adamlary begendirmek sadalyk alamaty hasaplanýar. sadalyk dananyň, men-menlik nadanyň işidir.



## Leýlisaç we Derek



Özüne göwni ýeten Derek kemter Leýlisaça:

— Men saňa haýran, ýanyň hemişe adamly. Seni äsgerenoklar, öýdýän, — diýipdir.

Leýlisaç jogap edip:

— Men adamlary örän gowy görýärin. Olar saýamda otursalar, göwnüm açylýar. Gyzlar çybygymdan saçyna dakynda, hoşal bolýaryn. Sen bolsa öz-özüňe aşyk bolup, hemişe diňe ýokary seredýärsiň. Şonuň üçin ýanyňa hiç kim gelmeýär, diýipdir.



## Men-menligiň soňy — puşmanlyk



Gadymda bir baý öz baýlygy bilen öwünip, hiç kimi äsgermeýän eken. Günleriň birinde baý gaty näsaglap, ýöräp bilmän galypdyr. Halta-halta altynlary onuň gününe ýaramandyr.



Goňşulary her gün nahar getirip, halyndan habar alypdyrlar. Dürli därileri taýýarlap, onuň keselini bejeripdirler. Baý goňşularynyň seretmegi bilen aýaga galypdyr. Sag wagtynda olara men-menlik edeni üçin gaty utanypdyr.

Şeýdip, baý men-menligi taşlap adamlary gadyrlaýan bolupdyr.

?

1. Baý goňşularyny näme üçin äsgermeýärdi?
2. Baý kesel bolup ýatanda kimler onuň gününe ýaraýar?
3. Men-men adamlar hakynda nähili ertekileri bilýärsiňiz?



## YLYM WE HÜNÄRIŇ ÄHMIÝETI

### YLYM WE HÜNÄRIŇ GÖRNÜŞLERI

Nirä barsaň-da, dürli ylymlary yhlas bilen öwren. Bilimleri ýatda saklamagy endik edin!

*Alyşir Nowaýy*

Bilimli, hünärli bol,
Diýen dana babalar.
Olaryň gudratyna
Ykrardyrlar dünýäler.
Ylym-hünär öwrensek
Mähir berip mekdebe,
Biz elbetde ýeteris
Arzuwlara, maksada.

*Dilşat Rajab*



Bilim almak we hünär öwrenmek her bir okuwçynyň iň esasy işi, borjudyr.



Gözeneklere gizlenen sözleri tapyň, nakyllary "Edepnama" depderiňize göçüriň:

Akyl ýaşda däl, b□□□da.

B□□□□ — akylyň çyrasy.

## YLMYŇ ÄHMIÝETI HAKYNDA

Ylym-hünär öwrenmek üçin ýaşlyk döwri iň amatly hasaplanýar. Ýaşlykda öwrenen ylym daşa oýulan nagyşdyr. Ylymly adam hormatlydyr. Dünýäniň gözelligi ylym sebälidir. Ylym-hünär öwrenen adam hiç haçan hor bolmaýar. Gowy okan adam bir gün gelip öz arzuwyna ýetýär.
Eý perzent, alym bol, nadan bolma.

Ylym ýakymly bägülüň ysyna meňzeýär. Ony gizläp bolmaýar.

*Ýusuf Has Hajib*



## HÜNÄRLI ADAM — HOR BOLMAZ

### Hünärli we hünärsiz



Hünärli we hünärsiz
nähili bolar?
Bir-birine tersdir
hemişe olar.
Biriniň elinde
gaýraty bar.
Biriniň göwnünde
hasraty bar.
Biriniň gep-sözi
maýyl bolar.
Biriiň her sözi
sowuk bolar.
Biriniň zähmetde
eli oýnar,
Biri haýran bolup
gözi oýnar.
Hünärlini öwmäge
söz ýetişmez.
Hünärsizi ýazmaga
dil gelişmez.





Eý, çagalar, mysaldyr —
bular size.
Siz asla meňzemäň
hünärsize.

*Polat Mömin*



Hünärsiz adam bilen dost bolma.

*“Kowusnama”dan*

?!

1. Hünärli adama mahsus bolan sypatlar nämelerden ybarat eken?
2. Hünäriň görnüşleri hakda aýdyp beriň.



Hünär zähmet we hereket arkaly eýelenýär. Rysgal kesp-hünär sebäpli peýda bolýar. Hünärment adam halkyň hormatyna sezewar bolýar.



Nakyllary dolduryň.

Hünär — h _ _ _ r den öner.

Hünärsize g _ _ ýok.



## KIM BOLSAMKAM?

Muhtar: “Uly bolsam, hökman, binagär bolaryn. Äpet jaýlary guraryn. Binagärlik — iň zor kär”, — diýdi. Munisa bolsa: “Mugallymçylyk ähli kärlerden gowy”, — diýdi.

Çekişmä Röwşen aralaşýar: “Iň gowy kär — sürüjilik”, — diýdi ol.

Biri tikinçiligi, biri aşpezligi, ýene biri lukmançylygy iň zor kärdigini aýdy.

Hany aýdyň, Siz kim bolmakçy?



?!

1. Çagalar näme hakynda çekişdiler?
2. Näme üçin çagalar özi saýlan käri öwýärler?
3. Ökde kesp eýeleri hakynda aýdyň.

## HER KESBIŇ ÖZ HÄSIÝETI BAR

Her kimiň kesp-hünäri bolsa, hor-zar bolmaýar. Danalar şeýle öwüt berýärler: “Her kim özüne laýyk we dogry gelýän kesp-hünär saýlasa, ol bagtlydyr”. Özüne mynasyp bolmadyk işe girişen adam ahyrynda şermende bolýar.



Kesp-hünäriň eýesi bolmak üçin ýaşlykdan yhlas bilen okamaly. Bilmedigini sorap bilen çaga akylly adam bolup ýetişýär.

Gözeneklere gizlenen sözleri tapyň.

Ýigit adama k☐☐☐ hünär az.

## SAGLYK — TÜMEN BAÝLYK

### Dişiň sag — wagtyň hoş

Şöhrat hozy gowy görýär. Käte hozlary dişi bilen döwüp iýýär. Bir güni onuň hozuň zarbyndan şikeslenen dişi agyrypdyr. Şöhrat doktora barmaýar. Dişini bejertmekden gorkup agyrysyna çydaýar. Aradan ep-esli wagt geçip, şol dişi gaty agyrýar. Güýçli agyrydan gözüne ýaş gelýär.

Ejesi Şöhraty lukmana alyp barýar. Ol:

— Giç gelipsiň. Indi dişiňi goparyp taşlajakda, — diýýär.

Soňky puşman — özüňe duşman.



?

1. Şöhrat näme üçin lukmana barmady?
2. Şöhrat nämä puşman etdi?

# IR TURMAGYŇ ÄHMIÝETI

Eý perzent, bilginki, köp uklamak — ýaman endik. Ol adamy ysgynsyz we ýalta edýär.

Uky üçin köp wagt sarp edip, gündizi gijä öwürme.

Ir turmagy endik edin!

*“Kowusnama”dan*

Wagty gadyrlaň.



?!

1. Siz ir bilen sagat näçede turýarsyňyz?
2. Näme üçin ir turmaly?
3. Ir turmagyň ähmiýeti hakynda nakyllar tapyň.

## SAG BEDENDE — SAGDYN AKYL

### Bir, iki, üç

Çakgan, sagdyn boljak diýseň,
Sport bilen meşgullansaň,
Bilegiňe dolar güýç,
Ynha şeýle: bir, iki, üç.



Maşklary etseň günde,
Aklyň sagdyn, sag tende.
Aýagyňa dolar güýç,
Ynha şeýle: bir, iki, üç.



Gönükmeler bilen eger,
Meşgullansaň ir säher,
Ýüregiňe dolar güýç,
Ynha şeýle: bir, iki, üç!

*R.Kasymhojaýewa*



Sagdyn adam güýçli, hereketjeň we zähmetkeş bolýar. Ol kömege mätäç adamlara kömek berip bilýär, çünki güýji ýetýär. Saglygy goramak her bir adamyň öz elinde.

?!

1. Siz saglygyňyzy goramak üçin nämeleri edýärsiňiz?
2. Goşgudan saglyga degişli nakyly tapyň.

# GÜN TERTIBINI BERJAÝ EDIŇ















Saglygy goramagyň üç altyn kanuny bar: birinjisi, gün tertibine amal etmek, ikinjisi, nerwi saklamak, üçünjisi, hereketde bolmak.

?!

1. Siz gün tertibini berjaý edýärsiňizmi?
2. Ata-eneňiziň kömeginde özüňiz üçin amatly gün tertibini düzüň we oňa amal ediň!

# GAÝTALAMAK






Gözeneklere aşakdaky sözlerden zeruryny ýazyň:
Tertipli, ýalta, gaýratly, mähriban, ýalançy, dogrysöz, öwünjeň, batyr, edermen, süýjisöz, gödek, mylaýym, ýaňra, azsözli, sada.



Gowy sypatlar adamlar tarapyndan hormatlanýan göreldeli häsiýetdir. Gowy häsiýetli bolmaga çalyşyň!

1. Kimlere meňzemegi isleýärsiňiz?
2. Dostlaryňyzyň nähili sypatly bolmagyny isleýärsiňiz?
3. Adam nädip gowy sypatlara eýe bolmagy mümkin?



Saglygy goramagyň üç altyn kanuny →
- ______ ______
  ______ ______.
- ______ ______.
- ______ ______.

Sagdyn adam →
- b _ _ _ _ _ _ t
- s _ _ _ _ _ _ _ _ t



Günä we aýp hasaplanýan hereketler ýaman adatlar hasaplanýar. Ýaman adatlardan saklanyň.

Ýaman adatlardan (endiklerden) nädip gutulmak mümkin?



# MILLI OÝUNLAR

## MÖWSÜMLEÝIN OÝUNLAR. ÝAŇYLTMAÇ

### Kowalaşma oýny

Oýnuň şerti: çagalaryň biri kowalaýar, galan çagalar gaçýarlar. Kowalaýan çaga gaçýany tutsa: “Gara, gördüm gara daş” diýip egnine kakýar we ol ele düşen hasaplanýar. Gaçýan çagalar aşakdaky sözleri aýdýarlar:



Aga-ini — injir,
Derwezesi zynjyr.
Derwezäni açaweri,
Çöle tarap gaçaweri.
Çölüň ýoly giň eken,
Meni tutup alaweri!



“Ak derekmi, gök derek?”, “Syçan-pişik”, “Daýza-daýza” oýunlary gadymy oýunlar hasaplanýar. Olar oýnalanda mekirlik etmän, çenden aşa howlukman ýa-da sussypeslik etmän oýnap, galmagal etmeli däl.

## Alahekek oýny

Oýnuň şerti: bir çaga Alahekek guşjagaz bolýar. Galan ýoldaşlary el tutuşyp, töwerek emele getirýärler we aşakdaky goşgyny bilelikde aýdýarlar:

Alahekek girdi baga,
Tozan saldy oýunjaga.
Çalasynja Alahekek,
Uçup gitdi uzaga.



Töweregiň içinde oýnawaçlar toplap goýlan bolýar. Alahekek bolan çaga "ganat ýaýyp uçup gelip" oýnawaçlary tiz almaga hereket edýär. Bir çaga ony kowalaýar. Alahekegi tutsa, onuň ýerine Alahekek bolýar.

? "Ak derekmi, gök derek?", "Towşanjygym näme boldy?" oýunlary nähili oýnalýar?

! Ýaňlytmaçlary ýat tutuň.
Bir jübüt çöp köpmi, goşa jübüt çöp köpmi?
Zynjyr, sarjin, enjir.

# ÇAGALARYŇ GURJAK TEATRY

## Gurjaklar ýurdunda

Gurjak teatry şäheriň merkezindäki uly binada ýerleşýär. Ol ýerde Eziz ençeme ertekileri tomaşa edipdir. Çünki ol gurjak teatryny örän gowy görýär. Ýakynda atasy Ezize el bilen oýnadyp bolýan Nasriddin Ependi keşbindäki gurjagy sowgat edipdir. Eziz “Gurjaklar ýurdunda” diýen erteki dokaýar. Soňra agasy bilen bile ýoldaşlaryna gurjak teatryny goýup berýär. Ýoldaşlaryna bu oýun ýaraýar.



?!

1. Gurjak ýasamagy bilýäňizmi?
2. Gurjak teatrynda berjaý edilýän edep kadalaryny sanap beriň.

Gurjak teatryny çagalar söýüp tomaşa edýärler. Gadym zamanlarda köçede, açyk meýdanlarda gurjakbazlar tomaşa görkezipdirler. Sünnet toýlarda açyk reňkli agaç taýçanak münen gurjakbaz şadyýan degişmeleri bilen çagalary şatlandyrypdyr. Çagalaryň özleri-de matanyň böleklerinden gurjak ýasapdyrlar.



? Suratda haýsy ertekiniň gahrymanlary suratlandyrylypdyr?

# 9-njy MAÝ — HATYRA WE HORMATLAMA GÜNI



Watan janypkeşlerini ýatlamak her birimiziň adamkärçilik borjumyzdyr. Garrylaryň we näsagrlaryň halyndan habar almak gözel sypat hasaplanýar.

## Hormatly borç

Alyşir Nowaýy hyzmatkärleri bilen atda uzak dag seýlinden gelýän eken. Ol ýoluň gyrasyndaky gonamçylyga golaýlanda atdan düşüp, pyýada ýöräpdir. Hyzmatkärler hem atlaryndan düşüp, onuň yzyna eýeripdirler. Gonamçylykdan uzaklaşanlaryndan soň ýene atlaryna münüpdirler. Hyzmatkärler şahyrdan gonamçylygyň ýanyndan pyýada geçmeginiň sebäbini sorapdyrlar. Alyşir Nowaýy şeýle jogap beripdir:

— Bu ýerde halkymyzyň jigerleri, ata-babalary baky aram tapypdyrlar. Olaryň ýanyndan at çapdyryp geçmek adamkärçilige ysnatdyr. Ata-babalarymyzyň hatyrasyny hormatlamak her bir adamyň hormatly borjudyr.





Zyýarat wagtynda eždatlarymyzyň göreldeli işlerini ýatlamak, garrylara we näsaglara kömek etmek zyýarat edebine degişlidir.

?!

1. Eždatlar hatyrasyny hormatlamak hakynda nämeleri bildiňiz?
2. Zyýarat edebiniň kadalaryna nämeleriň girýändigini aýdyp beriň.



# ENE TEBIGATYŇ GUJAGYNDA

## TEBIGATYŇ TÄSINLIKLERI



Bizi gurşaýan älem tebigat diýlip atlandyrylýar. Tebigaty gorap saklamak biziň borjumyzdyr.

### Leýlisaçy näme üçin söýýäris?

Garynjalaryň patyşasy Leýlisaçy örän gowy görýän eken. Ol Leýlisaçyň gözelliginiň sebäbini Kanaldan sorap bilmekçi bolupdyrlar. Çünki Kanal Leýlisaçyň enesi eken ahyryn. Garynjalaryň patyşasy Kanalyň boýuna gelip ondan Leýlisaçyň gözelliginiň sebäbini sorapdyr. Kanal:

— Leýlisaç ähli ösümlik we daragtlar bilen bile, biz dem alýan howany arassalap berýär. Gün şöhleleriniň güýjüni peseldýär. Galmagaly siňdirip, rahatlygy üpjün edýär. Ol arassaçylygy saklaýan periştedir. Howadaky mikroblary özüne siňdirýär, adamlaryň we jandarlaryň saglygyny gorap saklaýar, — diýip jogap beripdir.

?

1. Leýlisaçyň gözelliginiň sebäbi nämede eken?
2. Tebigatyň nähili täsinliklerini bilýärsiňiz?

## SUW — ÝAŞAÝŞYŇ ÇEŞMESIDIR







?!

1. Suratlary özara deňeşdiriň.
2. Siz suwy aýawly saklamaga nähili goşant goşýarsyňyz?

## HAÝWANAT ÄLEMINE SYÝAHAT



?

1. Suratda nämeler görkezilipdir?
2. Siz jandarlara nähili gamhorlyk edýärsiňiz?



### Guşjagaz

Kä pudaga, kä güle gonar,
Dyngysyz saýrak guşjagaz.
Näme üçin bahar saňa mätäç,
Niredediň bahar gelýänçe?
Gel, ýaşalyň hemişe bile,
Bizde bahar, güller ählisi.

*Abdulla Oripow*

?!

1. Haýsy guşlar baharda ýurdymyza uçup gelýär?
2. “Guşlar — biziň dostumyz” temasynda hekaýa düzüň.

Jandarlara azar bermezlik, olaryň ýaşamagy üçin şert döretmek, däneiým bermek, olara ideg etmek asylly sypat hasaplanýar.

## Özbegistanyň goraghanalary

Özbegistanda Zerewşan, Çatkal, Nurata, Amyderýa we Buhara goraghanalary bar. Olarda Buhara keýigi, Gyzylgum goýny, dag tekesi, ak gaplaň ýaly seýrek jandarlara gamhorlyk edilýär. 1976-njy ýylda Buharanyň golaýynda jerenleri köpeltmek üçin goraghana döredildi. Netijede bary-ýogy 44 sanysy galan bu seýrek jandarlaryň sany 1000-den geçdi.



## GAÝTALAMAK

### Test soraglary

**1. Goraghanalaryň ady dogry görkezilen hatary bellik ediň:**

a) Zerewşan, Çatkal, Nurata, Amyderýa we Buhara goraghanalary;

b) Keňsaý, Nurata, Amyderýa goraghanalary.

**2. Goraghanalarda nähili haýwanlar saklanýar?**

a) Andijan ýolbarsy, Fergana goýny, Kokant keýigi, Çatkal arslany;

b) Buhara keýigi, Gyzylgum goýny, dag tekesi, ak gaplaň we başgaa ýitip barýan jandarlar.



## Gülle, Watan!

Eý, eziz Watan –
Janajanymyz,
Sen biziň şatlyk,
Gülüstanymyz.
Bize mähriban,
Söýgüli ene,
Berdiň bize bilim,
Kitap, dershana.

*Zafar Diýar*



? Okuwçynyň edebi nämelerde görünýär?

# MAZMUNY


**ÖZBEGISTAN — AZAT, ABAT DIÝAR**

1-nji SENTÝABR — GARAŞSYZLYK GÜNI ........................ 3
WATAN MÄHRI ........................................................ 4
ÖZBEGISTAN — JENNET MEKAN ........................................ 6
WATAN BOÝUNÇA SYÝAHAT ............................................ 8
MAŞGALA — BAGT GALASYDYR ........................................ 10
MAŞGALA — MÄHIR BULAGY ........................................... 11
MAŞGALA DÄPLERI ...................................................... 12

**EDEP — YNSANYŇ GÜNEŞIDIR**

SALAMLAŞMAK EDEBI .................................................... 14
KIM BIRINJI SALAM BERÝÄR? ........................................ 15
SALAMLAŞMAGYŇ KADALARY .......................................... 16
ARASSAÇYLYK — GÖZELLIGIŇ NYŞANY .............................. 17
OKUWÇYNYŇ EDEBI ..................................................... 18
MEKDEP DÜZGÜNLERI .................................................. 19
GEÝINMEK EDEBI ........................................................ 20
ULYNY HORMAT ET, KIÇINI SYLA .................................... 22
AGZYBIRLIGE NÄME ÝETSIN! .......................................... 23
SAÇAGYŇ DAŞYNDA OTURMAGYŇ WE
NAHARLANMAGYŇ EDEBI .............................................. 24

**ADAMY BEÝGELDÝÄN SYPATLAR**

EDERMEN ÝIGIT .......................................................... 26
HAÝA WE UTANÇ – GYZ SYPATYDYR ................................. 28
OKUWDA WE ZÄHMETDE GAÝRATLY,
GUJURLY BOL ............................................................ 30
DOGRUÇYLLYK WE ÝALANÇYLYK ..................................... 32
SADALYK WE MEN-MENLIK ............................................ 34

**YLYM WE HÜNÄRIŇ ÄHMIÝETI**
YLYM WE HÜNÄRIŇ GÖRNÜŞLERI .................................. 36
YLMYŇ ÄHMIÝETI HAKYNDA ............................................ 37
HÜNÄRLI ADAM — HOR BOLMAZ .................................... 38
KIM BOLSAMKAM? ............................................................ 40
HER KESBIŇ ÖZ HÄSIÝETI BAR ....................................... 41

**SAGLYK — TÜMEN BAÝLYK**
DIŞIŇ SAG — WAGTYŇ HOŞ ............................................ 42
IR TURMAGYŇ ÄHMIÝETI .................................................. 43
SAG BEDENDE — SAGDYN AKYL .................................... 44
GÜN TERTIBINI BERJAÝ EDIŇ ......................................... 46

**GAÝTALAMAK** .................................................................. 48

**MILLI OÝUNLAR**
MÖWSÜMLEÝIN OÝUNLAR. ÝAŇYLTMAÇ ......................... 50
ALAHEKEK OÝNY ............................................................... 51
ÇAGALARYŇ GURJAK TEATRY ......................................... 52

**9-njy MAÝ — HATYRA WE HORMATLAMA GÜNI** ........... 54

**ENE TEBIGATYŇ GUJAGYNDA**
TEBIGATYŇ TÄSINLIKLERI ................................................ 56
SUW — ÝAŞAÝŞYŇ ÇEŞMESIDIR ..................................... 57
HAÝWANAT ÄLEMINE SYÝAHAT ........................................ 58
ÖZBEGISTANYŇ GORAGHANALARY ................................ 59

**GAÝTALAMAK** .................................................................. 60

74.200.51
H31

**Hasanboýewa O.**

**Edepnama:** Umumy orta bilim berýän mekdepleriò 1-nji synpy üçin derslik/ O.Hasanboýewa, M.Inoýatowa. — D.: «O'zbekiston milliy ensiklopediyasi», 2011. — 64 s.

I. Inoýatowa, M.

BBK 74.200.51

Oysha Hasanboyeva Muhayyo Inoyatova

# ODOBNOMA
## 1- sinf uchun darslik

*(Turkman tilida)*

«O'zbekiston milliy ensiklopediyasi»
Döwlet ylmy neşirýaty.
Daşkent — 2011

| | |
|---|---|
| Terjime eden | Şirinjan Abdullaýewa |
| Redaktor | Kamiljan Hallyýew |
| Çeper redaktor | Asomiddin Burhanow |
| Suratçy | Bagtyýar Muhamedow |
| Korrektor | Kamiljan Hallyýew |
| Sahaplaýjy | Askar Ýakubjanow |

Çap etmäge rugsat edildi 18.07.2011. Ölçegi 70 x $90^{1}/_{16}$.
Kegli 18. Ofset çap ediliş usul. Şertli çap listi 4,68.
Neşir hasap listi 4,04. 979 nusgada çap edildi. Buýurma 91–11.

«O'zbekiston milliy ensiklopediyasi»
Döwlet ylmy neşirýaty, 2011.
Daşkent — 129, Nowaýy köçesi, 30.

«O'qituvchi» neşirýat-çaphana döredijilik öýüniň çaphanasynda çap edildi.
Daşkent — 194, Ýangişaher köçesi, 1.